# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ KARARY

2013ý. «11» ýanwar №12756 Aşgabat ş.

## Türkmenistanda raýatlaryň pensiýa üpjünçiligini kämilleşdirmek hakynda

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzda raýatlaryň pensiýa üpjünçiligini has-da kämilleşdirmek maksady bilen hem-de Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakyndaky kodeksiniň 16-njy maddasyna laýyklykda, **karar edýärin:**

1. Türkmenistan boýunça erkek adamlaryň we aýal maşgalalaryň pensiýa ýaşy dolandan soň garaşylýan ömrüniň jeminiň ortaça dowamlylygyny 174 aý möçberde tassyklamaly.

2. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministirler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministri B.Şamyradow, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygy A.Mämmedow hem-de Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy B.Atdaýew gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**